# Ökde ýalançylara mahsus häsiýetler

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ökde ýalançylara mahsus häsiýetler ÖKDE ÝALANÇYLARA MAHSUS HÄSIÝETLER




Gollandiýaly psiholog Aldert Wriý kärdeşleri bilen bile "ussat ýalançylary" tanamak üçin olarda nähili häsiýetleriñ bolýandygyny öwrendi. Garşysynda durany ýüzüniñ ugruna diñledip, "gulagyna münüp" bilýän ussat ýalançylaryñ on sekize golaý özboluşly häsiýetiniñ bolýandygyny delillendiren Wriý we onuñ kärdeşleri bu häsiýetlere eýe kişileriñ aldanmaga garşy iñ eserdeñ, iñ seresaply adamlary hem toruna düşürip biljekdigini aýdýar. Wriýiñ pikiriçe ýalançylaryñ;
■ Hereketleri manipulýatiw bolýar (ynamyña girme ukybyna eýe)

Bimaksat häsiýete eýe adamlar pragmatiki ýalançylar bolup, olar hiç zatdan gorkmaýar, hiç zady piñine almaýar. Olaryñ öz etsem-petsemlerini hemişe ölçerip-biçip, akylly hereket edýändiklerini aýdýan Wriý şeýle diýýär:

"Gepläp durkalar size täsir etmäge çalyşýarlar. Ýöne olar muny edýärkä özlerini gaty arkaýyn alyp barýarlar".

■ Dogry zatlardan kän uzaklaşman gepleýärler

Dogry zatlar bilen garyşdyrylan çyna berimsiz ýalanlar 100% ýalandan (doly ýalan) has ynandyryjy bolýar we muña

ynandyrmak üçin arrygyňy kän gynamasaňam bolýar. Ussat ýalançylar bu inçe aýratynlygy ünsden düşürmeýär.

■ Akyl-paýhas hökmany suratda gerek

Akyl-paýhasyň ýalançynyň egnine hopba bolan "ýüki" galdyrmakda uly kömegi bar. Ýalan sözleýän adam sözlän ýalan-ýaşrygynyň içinden çykmasy kyn ýagdaýlaryndan akyl-paýhasy bilen "ýagdan gyl sogrulan" mysaly çykyp bilýär.

■ Çalt pikirlenme ukyby

Säginmeler we "hää", "hmmm", "bäähh" ýaly ikirjiňlenme sözleri diňleýjiniň göwnünde aldanýandyryn diýen şübhäni döredýär. Şonuň üçin bu inçe hususy hem ünsden düşürmän çalt pikirlenip bilýän ýalançy bir aýagynyň üstünde durka hem ýalan toslap tapmaga ökde bolýar.

■ Gyssagly ýagdaýlarda üns çekiji we tebigy pikirlenme ukyby

Aldarköse ýaly aldamakda öňüne adam geçirmedik iň ussat ýalançy hem garaşylmadyk soraga ýa-da ýagdaýa sataşsa, aljyrap biler. Şonuň olaryň goltuk jübüsinde her hili ýagdaýa düşende-de, garşylygyny berer ýaly jogaby taýýar durandyr.

■ Maglumaty ýerlikli ulanma ukyby

Ýalançylar özlerine berilen soraga jogap berende mümkin boldugyndan juda az maglumat berýär. Şeýtmek bilen olar gürrüňi gidýän zadyň jikme-jiklikleri boýunça sorag berilmeginiň öňüni alýar.

■ Edil şol wagt güwä geçilmesi mümkin däl gümürtik jogaplary berýärler

Maglumaty gizlemek ("Çyndanam ýadyma düşmedi", "Şumat kelläme gelmedi", "Dilimiň ujundady, ýadymdan çykaýdy" we ş.m…) käte toslanyp tapylan ýalandan has amatly bolýar. Sebäbi bular ýaly gümürtik jogaba güwä geçmek zerurlygy galmaýar. Psihologiýa